# Isläniñi edip bileniñde azatsyñ

Category: Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 24 января, 2025
Isläniñi edip bileniñde azatsyñ ISLÄNIÑI EDIP BILENIÑDE AZATSYÑ

*Isläniñi edip bileniñde azatsyñ. Kimdir birileri saña erk edip ýörkä däl!*

Azatlygy özi ýa-da başgalary tarapyndan çäklendirilen kişileriñ içinde «emma, ýöne, welin, käşgä…» sözleri bolan jümleler tutalgasydyr.

– Edesim-ä gelýär welin, çekinýän-dä…
– Niýetim-ä bardy welin, mümkinçilik bolmady…
– Öler ýaly arzuw etdim, ýöne nesibede ýok eken…
– Şeýdäýesim-ä gelip dur welin, gadagan eken…
– Gitjekdim, emma işim çykdy…
– Söýýän, ýöne gorkýan…
– Isleýän, ýöne töwekgellik edip bilemok…
– Käşgä edibilsedim, ýöne daş-töweregim näme diýer…

Bir sözlemiñ içinde «ýöne», «welin» sözleri geçenden soñ, ondan öñki aýdanlaryñyzyñ hiç bir babatda manysy-da bolmaz, agramy-da. Çünki mundaky «ýöne welinler» edäýsedim diýip lap uryan işiñizi etmejekdigiñiziñ ýa-da edip bilmejekdigiñiziñ bahanasydyr aslynda.
Tabular, öñden gelýän ýörelgeler, köpçüligiñ basyşy, ynançlar, ýazgarmalar, çekinjeñlik, ýaltalyk we kämahalam jahyllyk «welin» fartugyny dakynmaga sebäp bolýar.
Depgilenen we togtadylan adam soñabaka monotonlaşýar. Bir wagt arzuwlan zatlaryny etmäge özünde hak-hukuk ýokdur öýdüp başlaýar. Soñam iç hümletmeler we depressiýa.

- **Munuñ çykalgasy nämede?**

Çykalgasy – etjek diýen işiňi etmekde! Edip bilmeseňizem iň bolmanda etmäge synanyşmakda. Çünki aňdan süzülip çykan «dogrudanam», «eýsem», «ýogsa-da» sözleri gelejekde aňyňyzy ýadadyp biljek «emma, ýöne, welinleriň» ýoguna ýanýar. Şoň üçinem isle, talap et, synanyş, et ýa-da etmäge çytraş. Agzyňy öweldip ýörmeseň bolýar.
Islemeýän, synanyşmaýan, töwekgellik etmeýän, arzuwlamaýan, söýmeýän, söýülmeýän adamyň aýdýan azatlygy aslynda azatlyk däl.
Adatdan daşary bir ýagdaý bolaýmasa, adamyň bäş günlük ömrüniň bardygy belli. Bu bäş günlük ömrüň başlangyjam, ortasam, ahyrky pellesem belli. Şujagaz ömürde islän zadyňy edip bilmeseň, eliňde näme bar bolanda-da azat dälsiň.
Birdenkä galkyp, «ýörüň atlandyk, gidýäs» diýlende ýola çykyp bilmeýän, edesi gelýän zatlary barka edesi gelmeýän zatlaryndan el çekip, edesi gelýän zadyna ýapyşyp bilmeýän adam azat däl.
Belki-de, hiç kimem sözüň doly manysynda azat däldir. Her niçik-de bolsa, azatlykdan söz açyp boljak seçgiler we pursatlar bar. Ine, şol seçgiler, şol pursatlar garşyňa çykanda berip biljek jogabyňdan seniň näderejede azatdygyňy bilse bolar.
Adam dolandyrylma zerurlygyny duýup başlan wagtyndan bäri ýazgarmalar, päsgelçilikler, gadagançylyklar we jezalar bar. Täsin ýeri, bu zatlaryň barsy dolandyrylýanlar üçin ulanylýar. Dolandyrýanlar bolsa hamana bu zatlar özlerine degişli däl ýaly ýaşaýarlar. Kim bilýär, belki-de, bu düşünjeler diňe garamaýaklary dolandyrmak üçin döredilendir…
Adamyň dolandyrylmaga mätäçligi barmy, ýokmy baradaky sowala jogap bermek başga gürrüňiň temasy. Emma absolýut dowamlylykda bolmasa-da, adamyň öz-özüni dolandyryp biljek durmuşda ýaşamak mümkinçiligi bar. Ine, şol durmuşa ýetip bileniňde azatsyň.

Çagry GYRLANGYÇ.

06.08.2018 ý.